**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
**– Ýokary sportda Türkmenistany dünýä tanatmak meniň esasy maksatlarymyň biridir.**

# TALYP SPORTY

Fewral, 2025 ý. № 02 (18)

Talyp ýaşlaryň jemgyýetçilik-syýasy we ylmy-publisistiki neşiri

Esaslandyryjysy – Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty

«Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly»



# AJAÝYP ÝYLYMYZYŇ ILKINJI ÜSTÜNLIKLERI

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylymyzyň ilkinji aýy buýsandyryjy üstünliklere beslenip jemlendi. Şol sanda ýurdumyzyň saglygy goraýyş, bilim we sport ulgamlarynda täze-täze sepgitler eýelenildi.

Hormatly Prezidentimiziň üstünlikli alyp barýan sport diplomatiýasy esasynda milli sport ulgamymyz täze-täze ösüşlere ýetýär. Şanly ýylymyzyň ilkinji aýynda, Gahryman Arkadagymyzyň dostlukly Monako knýazlygyna iki günlük sapary wagtynda «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparymyzyň sirk artistleriniň we ajaýyp bedewlerimiziň her ýylda geçirilýän Monte-Karlo halkara sirk festiwalynda çykyş edip, festiwalyň Altyn baýragyna we başga-da birnäçe baýraga mynasyp bolmagy ajaýyp ýylymyzda Garaşsyz döwletimiziň we şol sanda milli sportumyzyň öňe äden bedew bady bolup aňlara siňdi.

Ajaýyp ahalteke bedewlerimiziň gatnaşmagynda uly abraýa eýe bolýan milli atçylyk sportumyzyň, şeýle hem milli sirk medeniýetimiziň buýsandyryjy taryhy we ajaýyp şu güni, ynamly buýsanja besleýän geljegi bardyr. Gahryman Arkadagymyzyň «Ahaltetke bedewi — biziň buýsanjymyz we şöhratymyz» atly ajaýyp kitabynda belläp geçişi ýaly, milli sirk sungatymyzyň taryhynda Döwlet Hojabaýew, doganlar Annaýewler ýaly milli atly sirk toparlaryny döreden meşhur şahsyýetleriň ajaýyp hyzmatlary bardyr. Olaryň döreden, ýola goýan milli sungatyny bu günki gün «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparymyz täze basgançaklara çykarýar.

Biz bedew bady bilen öňe ynamly gadam urup barýan Garaşsyz döwletimize, milli sportumyza mundan beýläk-de täze ösüşleri, Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza uzak ömür, jan saglyk, döwletli başlangyçlarynda hemişe üstünlik arzuw edýäris.

**Ogulnäzik ISENOWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Diller kafedrasynyň müdiriniň wezipesini ýerine ýetiriji.**

## ARKADAGLY GAHRYMAN SERDARYMYZYŇ ÝAŞLAR BARADA PÄHIMLI SÖZLERINDEN

*— Biziň esasy wezipämiz ýokary bilimli, hakyky watançy nesilleri terbiýeläp ýetişdirmekden ybaratdyr.*

*— Eziz Diýarymyzyň güýç-kuwwaty, abraý-mertebesi we aýdyň geljegi bolan ýaşlar biziň alyp barýan işlerimize, ýurdumyzyň ösüşlerine öz mynasyp goşantlaryny goşýarlar.*

*— Ýaşlarymyzyň ruhy-ahlak, medeni, aň-bilim we beden taýdan ösüşine uly ähmiýet berýäris. Çünki ylymly-bilimli, sagdyn ýaşlar döwletimiziň kuwwatly güýjüdir, nurana geljegidir.*

*— Ýaşlar ylmyň gazananlaryny özleşdirmäge işjeň gatnaşýarlar. Mekdep okuwçylarymyz we talyp ýaşlarymyz abraýly halkara bäsleşiklerde uly üstünlikleri gazanýarlar.*

*— Ykbalyny sporta baglan ýaş türgenlerimiz Garaşsyz Watanymyzyň at-abraýyny ýokarlandyrýarlar.*

*— Men ýurdumyzyň ýaşlarynyň ene-ata we il-ýurt öňündäki mukaddes borjuny berjaý edip, mynasyp adamlar bolup ýetişjekdiklerine, ata Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda jan aýaman zähmet çekjekdiklerine pugta ynanýaryn.*

*— Biz ýaş alymlarymyzyň we talyplarymyzyň halkara ylym-bilim bäsleşiklerinde gazanýan üstünliklerine guwanýarys. Siziň gazanýan üstünlikleriňiz döwletimiziň abraýydyr, ähli halkymyzyň buýsanjydyr.*

# 2025-nji ÝYL — HALKARA PARAHATÇYLYK WE YNANYŞMAK ÝYLY

## WAGYZ-NESIHAT ÇÄRESI

26-njy fewralda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň uly mejlisler zalynda terbiýeçilik ähmiýetli wagyz nesihat çäresi geçirildi.

Türkmenistanyň Mejlisiniň, Türkmenistanyň Baş prokuraturasynyň, Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň, Türkmenistanyň Bilim, Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrlikleriniň, Türkmenistanyň Zenanlar birleşiginiň Merkezi Geňeşiniň hem-de Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň wekilleriniň gatnaşmagynda geçirilen bu wagyz-nesihat çäresinde çykyş edenler türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň öwüt-ündewleri we gymmatly maslahatlary esasynda ýurdumyzda ýaşlaryň sazlaşykly ösüşi we jemgyýetimizde eýeleýän ornuny pugtalandyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada giňişleýin durup geçdiler. Ýaşlaryň hukuk sowatlylygyny artdyrmak hem-de ýaşlaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak, türkmeniň döwletlilik ýörelgelerini, milli däp-dessurlarymyzy giňden wagyz etmek boýunça alnyp barylýan işler hakynda gürrüňler hem maslahatyň esasy mazmunyny düzdi.

Dabara gatnaşanlar halkymyzy eşretli zamanada ýaşadýan Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza jan saglyk, uzak ömür, döwletli başlangyçlarynda üstünlik arzuw etdiler.

*Kakabaý MYRADOW,*
*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.*

## TÜRKMENISTANYŇ ÇEMPIONATY GEÇIRILDI

24 — 28-nji fewral aralygynda Aşgabat şäherindäki Türkmenbaşy suw-sport toplumynda, Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleri federasiýasynyň guramagynda, Suwda pökgi oýnamak boýunça Türkmenistanyň çempionaty geçirildi.



Çempionatyň esasy maksady hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzda sporty we bedenterbiýäni ösdürmek babatda alyp barýan syýasatyny iş ýüzünde durmuşa ornaşdyrmakdan, türgenleri watansöýüjilik ruhunda terbiýelemekden, şeýle hem milli ýygyndy toparymyzyň düzümine ýurdumyzyň welaýatlaryndan we Aşgabat şäherinden mynasyp türgenleri saýlap-seçip almakdan ybarat boldy.

Ýaryşa Aşgabat şäherinden 2 topar, Mary welaýatyndan 2 topar we Lebap welaýatyndan hem 2 topar gatnaşdy. Toparlaryň hersi 15 türgenden, 1 tälimçiden we 1 eminden ybarat bolan düzümde çykyş etdi. Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komiteti we Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleri federasiýasy ýaryşlara umumy ýolbaşçylygy amala aşyrdylar. Ýaryşyň baş emini B. Çerkezow boldy.

Çempionatda 1-nji orny Lebap welaýatynyň topary, 2-nji orny Mary welaýatynyň topary, 3-nji orny Aşgabat şäheriniň topary eýeledi.

Ýaryşda ýokary netijeleri görkezen toparlara Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň medallary we Hormat hatlary dabaraly ýagdaýda gowşuryldy.

**Begenç MOLLAÝEW,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby.**



## DABARALY MASLAHAT

***Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň, Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň şeýle hem Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň bilelikde guramagynda, «Sport diplomatiýasy parahatçylygyň dialogydyr» diýen at bilen dabaraly maslahat geçirildi.***



***Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň mejlisler zalynda geçirilen maslahatda çykyş edenler Garaşsyz Türkmenistan döwletimiziň hemişelik Bitaraplyk derejesine eýe bolmagynyň şanly 30 ýyllygy, Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly ýolbaşçylygy bilen gazanylýan üstünlikler, ýetilýän sepgitler barada giňişleýin durup geçdiler.***



***Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň «Sagdyn nesiller» aýdym-saz toparynyň talyplarynyň ýerine ýetiren aýdymlary dabaraly maslahata gatnaşanlara ruhy lezzet paýlady.***

***Dabaraly maslahatlaryň çäklerinde ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda sportuň 3x3 basketbol, gandbol, küşt we stol tennisi görnüşlerinden ýaryşlar guraldy.***

**Mamagül JORAÝEWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

**Suratlara düşüren Žaloleddin BALTABAÝEW.**



# MEKDEP OKUWÇYLARYNYŇ BÄSLEŞIGI GEÇIRILER



**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň guramagynda, ýurdumyzyň umumybilim berýän orta mekdeplerinde we sport mekdeplerinde türgenleşýän XII synp okuwçylarynyň arasynda beden taýýarlygy we sportuň görnüşleri boýunça bäsleşikler geçiriler.**

**14 — 15-nji aprel aralygynda umumy beden taýýarlygy we tizlik-güýç alamatly sport görnüşleri boýunça ýaryşlar geçiriler. Oýun görnüşleri boýunça bäsleşikler bolsa 16 — 17-nji aprelde ýaýbaňlanar. 18 — 19-njy aprel günlerinde göreş görnüşiniň nusgalary boýunça bäsleşikler bilen ýaryşlaryň jemi jemlener.**

**tdbsi.edu.tm**

*«Talyp gözeli — 2025» bäsleşigi dowam edýär*

# AJAÝYP DÄPLERE DOWAM BAR BU GÜN




Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň, Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň hem-de Türkmenistanyň Zenanlar birleşiginiň Merkezi Geňeşiniň bilelikde Halkara zenanlar güni mynasybetli ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyp gyzlarynyň arasynda guraýan «Talyp gözeli — 2025» atly bäsleşiginiň Türkmen döwlet



bedenterbiýe we sport instituty boýunça saýlama tapgyry geçirildi.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň talyp gyzlarynyň iş başarjaňlygyny, ugurtapyjylygyny, ruhubelentligini, buýsançlylygyny, keşp hem-de edep gözelligini, halkymyzyň milli däp-dessurlaryny bilşini, durmuşa taýýarlygyny, medeniýetini, edep-ekramlylygyny açyp görkezmek maksady bilen guralan bu bäsleşik tapgyryna ýokary okuw mekdebiniň her fakultetinden talyp gyzlaryň 2-si gatnaşdy.

Bäsleşige gatnaşýan talyp gyzlar bäsleşigiň 3 şerti boýunça türkmen gelin-gyzlaryna goýulýan sarpany, şeýle hem özleriniň sungata, çeper dörediјiligе bolan ukyplaryny, «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak» ýylyny aýdym-sazly, şygyrly, sahnaly çykyşlary bilen dabaralandyrmak boýunça öz ussatlyklaryny açyp görkezdiler. Gahryman Arkadagymyzyň «Bereketli türkmen saçagy» atly kitabyndan ugur alyp, türkmen milli tagamy bolan unaş kesmek boýunça guralan bäsleşik hem gyzykly boldy. Keşde çekmek sungaty boýunça guralan bäsleşik hem has ökdeleri saýlady.

Bäsleşikleriň jemleri boýunça 1-nji orna Sport fakultetiniň talyby Aýlar Orazmyradowa, 2-nji orna Bedenterbiýe fakultetiniň talyby Ogulşat Me-




redowa, 3-nji orna Gülöwser Kadyrowa eýe boldy. Sportuň olimpiýa görnüşleri fakultetiniň talyby Enaý Amanberdiýewa baş baýraga mynasyp bolup, bäsleşigiň jemleýji tapgyryna gatnaşmaga hukuk gazandy.

Bäsleşige gatnaşan talyp gyzlara gymmat bahaly we höweslendiriji baýraklar gowşuryldy.

**Bägül GARAÝEWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň uçurymy.**



# SMS BÄSLEŞIGI: «AÝÝŇ TÜRGENI»




Okyjylarymyzyň habarly boluşlary ýaly, Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň «Türkmenistan Sport» teleýaýlymy, Mahabat müdirligi we Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty tarapyndan bilelikde «Aýyň türgeni» diýen at bilen SMS bäsleşigi yglan edilendir.

Bäsleşigiň şertleri her aýyň başynda yglan edilip, aýyň soňky günlerinde adyna iň köp SMS gelip gowşan türgen «Aýyň türgeni» diýen ada mynasyp bolar. Bäsleşik «Türkmenistan Sport» teleýaýlymynda ýörite gepleşik guralmak arkaly, bäsleşige gatnaşýan türgenleriň gündelik türgenleşikleri, halkara ýaryşlary wagtyndaky çykyşlaryndan wideorolikler görkezilmek, olaryň görkezen netijeleri bilen tanyşdyrmak arkaly guralar.

Bäsleşigiň ilkinji aýynda oňa türkmen milli göreşi, guşakly göreş, agyr atletika, dzýudo, kýokşinkaý karate, küşt we kuraş boýunça halkara ýaryşlarda iň gowy netijeleri görkezen Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň ýedi sany türgeni gatnaşar.

Türgenlere aýratynlykda tertip belgileri yglan edildi. Bäsleşigiň ýeňijisi diňe tomaşaçylaryň beren SMS sesleriniň netijesinde saýlanar. Bäsleşigiň netijeleri onlaýn usulynda turkmentv.gov.tm resmi web saýty arkaly tomaşaçylar üçin elýeterli bolar.

Ses bermek üçin 0518 belgä aşakdaky türgenlere degişli san belgisini ýazyp ibermelidir:

**Şahzadbek Matýakubow — 7**
**Sabina Kadyrowa — 8**
**Nurmuhammet Baýdogdyýew — 9**
**Guwanç Hemraýew — 10**
**Maýsa Pardaýewa — 11**
**Amanmuhammet Hommadow — 12**
**Gülnabat Ýazylowa — 13**

***Arzuw ŞAÝYMOWA,***
***TDBSI-iň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.***



# TALYP GYZLARYMYZYŇ ÜSTÜNLIGI

Türkmenistanyň Milli woleýbol federasiýasynyň guramagynda, ýurdumyzyň zenanlar klub toparlarynyň arasynda milli çempionat geçirildi. Onda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň «Talyp sporty» zenanlar woleýbol topary birinji orny eýeläp, çempion diýen ada mynasyp boldy.

***Arazsoltan MÄMMEDOWA,***
***Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.***



# INTERNET OLIMPIADASY GEÇIRILDI

Ýakynda türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň «Hakyda göwheri» atly kitabyna bagyşlanan internet olimpiadasynyň jemleri jemlendi.

Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetinde geçirilen bu bäsleşikde ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinden talyplaryň 200-den gowragy öz ukyp-başarnygyny synap gördi. Bäsleşik şahsy ýaryş görnüşinde, iňlis dilinde guraldy.

Bu internet olimpiadasynda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Sportuň Olimpiýa görnüşleri fakultetiniň sport hünäriniň 4-nji ýyl talyby Ýelizaweta Rahmanowa 3-nji orny eýeledi.

Internet olimpiadasynyň jemlerine bagyşlanan dabaraly çärede ýeňijilere Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň rektoratynyň adyndan diplomlar gowşuryldy.

***Leýla KÜRENOWA,***
***Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.***

# HOK-yň ÇÖZGÜDI

Halkara olimpiýa komitetiniň (HOK) Ýerine ýetiriji geňeşi HOK-yň prezidenti Tomas Bahyň guramanyň agzasy wezipesinden gitmegini kabul etdi. Bu barada guramanyň metbugat gullugy habar berýär.

Çözgüt 23-nji iýundan soň güýje girer, şol gün onuň ygtyýarlyklary HOK-yň täze prezidentine geçiriler.

HOK-yň täze başlygynyň saýlawlary 20-nji martda Gresiýada guramanyň 144-nji sessiýasynyň çäklerinde bolar. Bu wezipä ýedi dalaşgär bar.

Ýatlap geçsek, 2024-nji ýylyň awgust aýynda Tomas Bah täze möhlete gaýtadan saýlanmak islemeýändigini aýtdy. Tomas Bah türgen hökmünde rapiraçylaryň toparlaýyn ýaryşynda 1976-njy ýylyň Olimpiýa oýunlarynyň çempiony we GFR-iň düzüminde topar birinjiliginde 1977-nji ýylyň dünýä çempiony bolupdy.

# EDEP-TERBIÝÄNIŇ GÖNEZLIGI



Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň mejlisler zalynda, «Ene — edep-terbiýäniň gönezligi» atly wagyz-nesihat duşuşygy geçirildi.

Türkmenistanyň Zenanlar birleşiginiň Merkezi Geňeşi we Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Ilkinji zenanlar guramasy tarapyndan bilelikde guralan bu duşuşyk talyp gelin-gyzlary watansöýüjilik ruhunda terbiýelemek, milli mirasymyza hormat goýmak, zähmete söýgi döretmek, millilik, maşgala mukaddesligi, arassa ahlaklylyk, jemgyýetde sagdyn durmuş ýörelgesini wagyz etmek ýaly möhüm ugurlara bagyşlandy.

Duşuşykda çykyş edenler Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary esasynda, ýurdumyzda enelere, zenanlara, gelin-gyzlara goýulýan belent sarpa, eneleriň mukaddes ojaklarymyzyň söýesidigi, milli edep-terbiýäniň mizemez mekdebidigi barada giňişleýin gürrüňleri berdiler. Ata-baba dowam edip gelýän «Ýagşy ene ýagşy gyza ýörelge», «Gyz eneden görelde almasa, edep almaz» diýen ýaly ýagşy göreldelere daýanyp, bu günki bagtyýar zamanymyzda enelere goýulýan sarpa, zenanlaryň ýagşy gylyk-häsiýetleri, şu günki ösüp gelýän ýaş nesilleriň zamanabap milli edep-terbiýeli adamlar we ezber hünärmenler bolup ýetişmekleri üçin ata-baba ýol bolup gelýän däp-dessurlara sarpaly çemeleşmelidikleri barada aýratyn durup geçdiler.

Wagyz-nesihat duşuşygyna gatnaşanlar milli däp-dessurlarymyza giň ýol açýan, halkymyzy eşretli durmuşda ýaşadýan Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza uzak ömür, jan saglyk, döwletli başlangyçlarynda hemişe üstünlik we rowaçlyk arzuw etdiler.

***Bägül GARAÝEWA,***
***Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň uçurymy.***




# ÝEŇIJILER SYLAGLANDY

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti bilen «Türkmenistan» gazetiniň redaksiýasynyň bilelikde yglan eden «Döwrüň özgertmeleri — ýaş žurnalistleriň gözi bilen» atly döredijilik bäsleşiginiň ýeňijilerini sylaglamak dabarasy geçirildi.

Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda geçirilen bu bäsleşige gatnaşan žurnalistika hünärinde okaýan talyplaryň 6-sy, beýleki hünärlerde okaýan talyplaryň hem 11-si diplomlara hem-de kärdeşler arkalaşygynyň ilkinji guramasynyň sowgatlaryna mynasyp boldy. Tapawutlanan talyplaryň birnäçesine Minnetdarlyk haty gowşuryldy.

Bäsleşigiň birinji derejesi boýunça Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň 4-nji ýyl talyby Žaloleddin Baltabaýew 3-nji orna mynasyp boldy.

**Agabaý AKMYRADOW,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

**Aşgabat şäherindäki daşary ýurt dillerini çuňlaşdyryp öwredýän ýöriteleşdirilen 85-nji orta mekdepde hünär tejribeligini geçýän Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyplary, berkidilen halypa mugallymlarynyň ýardam bermegi bilen, mekdep okuwçylarynyň arasynda küşt, tanap çekmek, gimnastika ýaly görnüşler boýunça bäsleşikleri guradylar. Şeýle-de, bäsleşiklerden soň, sagaldyş işi hünäriniň talyplary okuwçylaryň boýlaryny we agramlaryny ölçediler.**
















TÜRKMENISTAN WE DÜNÝÄ SPORTY

# TÄZE LYBASLAR TOPLUMY




— Madridiň «Realynyň» indiki möwsümde ätiýaçdaky egin-eşik toplumy gök reňkli bolar — diýip, Footy Headlines habar berýär. Toplumyň dizaýny adidas kompaniýasy tarapyndan işlenip taýýarlanyldy we «Santýago Bernabeu» stadionynyň görnüşinden ylham aldy.

Matanyň reňki meýdançadaky oturgyçlaryň reňkini, köýnekçedäki nagyş bolsa olaryň gyra çägini (konturyny) gaýtalaýar.

Köýnekçäniň döşünde üç ýaprak görnüşinde adidasyň nyşany ýerleşdiriler. Köýnekçäniň içine bolsa klubuň öňki oýunçysy Huanitonyň: «90 minut «Bernabeuda» — bu örän uzak» diýen sözleri ýazylar.

— Bu «Realyň» 2025 — 2026-njy oýun möwsüminde üçünji lybas toplumy bolar we oýunlarda alternatiw wariant hökmünde ulanylar diýlip habarda aýdylýar.

**Žaloleddin BALTABAÝEW,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

# DÖRDÜNJI GEZEK ÇEMPION



Daniýanyň ýygyndy topary erkekleriň arasynda geçirilen Gandbol boýunça dünýä çempionatynyň finalynda Horwatiýanyň toparyny ýeňdi we yzly-yzyna dördünji gezek altyn medala mynasyp boldy. Bu barada Olimpiýa oýunlarynyň resmi web sahypasynda habar berilýär.

Ýekşenbe güni daniýaly türgenler 32:26 hasaby bilen ýeňiş gazandylar. Duşuşyk Norwegiýanyň Oslo şäherinde geçirildi. Oýnuň iň köp pökgi geçiren oýunçysy Daniýanyň ýygyndy toparynyň agzasy Matias Gidsel boldy. Ol 10 pökgini garşydaşyň derwezesine girizdi.

Şeýlelikde Daniýanyň gandbol ýygyndysy yzly-yzyna dördünji gezek dünýä çempiony boldy. Olar mundan öň 2019, 2021 we 2023-nji ýyllarda hem çempion boluptdylar.

Üçünji orun ugrunda geçirilen duşuşykda Fransiýanyň ýygyndy topary Portugaliýanyň toparyny 35:34 hasaby bilen ýeňdi.

***Ogulnur EÝEBERENOWA,***
***Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.***



# ILKINJI ÇYKYŞLAR

Buzda figuralaýyn typmak boýunça milli ýygyndy toparymyz Hytaý Halk Respublikasynyň Harbin şäherinde geçirilen IX Gyşky Aziýa oýunlarynda çykyş etdiler.

Bu çykyşyň milli türgenlerimiziň ady agzalan abraýly oýunlarda ilkinji çykyşlardydygyny bellemelidir. Aziýanyň Olimpiýa Geňeşiniň howandarlygynda her dört ýyldan bir gezek geçirilýän bu toplumlaýyn ýaryşlara türkmen türgenlerinden ýekelikde figuralaýyn typmak boýunça Türkmenistanyň iki gezek çempiony Larisa Wahitowa, şeýle hem Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Sportuň Olimpiýa görnüşleri fakultetiniň talyby Aýna Ekäýewa gatnaşdy. Talyp türgenimiziň bu ýaryşlara gatnaşmazdan öň 2019-njy ýylda Günorta Sahalinde geçirilen «Aziýanyň çagalary» atly 1-nji sport oýunlaryna, şeýle hem Türkiýede geçirilen Bosfor Kubogyna we Birleşen Arap Emirliklerinde geçirilen halkara ýaryşa gatnaşandygyny aýratyn belläp geçmek bolar.

Ýaryşda 14 ýurtdan gelen 25 türgeniň arasynda dowam eden bäsleşiklerde Larisa Wahitowa gysga programmalaýyn çykyşda 14-nji, erkin programmalaýyn çykyşda bolsa 13-nji orny eýeledi.

Harbin şäherinde geçirilen IX Gyşky Aziýa oýunlarynda Türkmenistandan figuralaýyn typmakdan başga-da şort-trek we hokkeý görnüşleri boýunça milli ýygyndy toparlarymyzyň gatnaşandygyny bellemelidir.

Indiki — X Gyşky Aziýa oýunlary 2029-njy ýylda Ak Aziýa oýunlaryny ilkinji gezek kabul etjek Saud Arabystany Patyşalygynda geçiriler.

**Şasenem AŞYROWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

# Iň gowy 100 futbolçy



Britaniýanyň belli FourFourTwo neşiri taryhda iň gowy 100 futbolçynyň reýtingini hödürledi.

Sanawyň başynda argentinaly hüjümçi Lionel Messi ýerleşdi. Reýtingde onuň bilen portugaliýaly Kriştianu Ronaldunyň arasynda iki rowaýaty futbolçy — braziliýaly Pele we ýene-de bir argentinaly Diego Maradona orun aldy.

Reýtingiň üç öňdebaryjysy diňe bir klub derejesinde üstünlik gazanman, eýsem milli ýygyndylaryny dünýä çempionatlarynda ýeňşe ýetiripdiler. Bu ýagdaýyň reýtingi düzüjiler üçin esasy görkeziji bolan bolmagy hem mümkin.

Sanawyň ilkinji bäşligine Ronaldudan soň meşhur niderlandlarly hüjümçi Ýohan Kroýf girdi.

Taryhda iň gowy oýunçylaryň ilkinji onlugy:

Lionel Messi (Argentina), Pele (Braziliýa), Diego Maradona (Argentina), Kriştianu Ronaldu (Portugaliýa), Ýohan Kroýf (Niderlandlar), Ronaldo (Braziliýa), Zinedin Zidan (Fransiýa), Frans Bekkenbauer (Germaniýa), Alfredo Di Stefano (Ispaniýa), Marko wan Basten (Niderlandlar).

**Wepa POTAROW,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**





# ЧТО ТАКОЕ АНАЛИСТИЧЕСКАЯ ЖУРНАЛИСТИКА

***С великими начинаниями Героя-Аркадага и мудрой политикой уважаемого Президента, выщие учебные заведения нашей страны превращаются в устойчивые научные-методические базы всесторонно развивающиеся нащего Независимого и постоянного Нейтрального государства. Под руководством своих профессоров и препотавателей, наши студенты-молодёжи тоже стремительно следуют научные основы изучаемого предмета и темы, и это помогает им по глубже осваивать тонкостей будущей професий.***

***Мы, создав Научно-методического уголка в странице нашей газеты, поставили перед собой цель, чтобы в каждом номере дать возможность выступать нашим студентам научно-методическими статьями, дать анализ и поделиться своими знаниями и мнениями по разным отраслям науки и методики.***




На вопрос: «Чем является задача аналитической журналистики?» можно было бы ответить таким образом: «Разбор данных в большом количестве и грамотное преподнесение их читателю». Но это предложение не смогло бы полностью показать суть вопроса: «Что такое аналитическая журналистика?»

Аналитическая журналистика — что и есть аналитический жанр журналистики — включает в себя разные виды жанров, такие как письмо, корреспонденция, статья, рецензия, обзор и обозрение.

Другими словами, можно объяснить это одним простым словом — анализ. Потому, что те вышеназванные формы выражения журналистского творчества, хоть и другими методами и подходами, все они все не просто информируют о происходящем, а анализирует те или иные события.

Аналитическая журналистика — это область журналистики, которая стремится осмыслить сложную реальность, чтобы создать общественное понимание. Он сочетает в себе аспекты журналистских расследований и объяснительной журналистики. Ее эффективность часто заключается в анализе между фактами, а не в самих фактах, и связана с другими аргументами и объяснениями.

В отличии от многих других видов журналисткой деятельности, аналитические материалы в основном связаны с расшифровкой и интерпретацией сведений, установлением причинно-следственных связей. Также аналитические журналисты рассматривают полученную информацию в заданном направлении с разных сторон, систематизируют, группируют по разным типам и классам, соотносят полученные данные разными методами.

Говоря об интерпретации — это теоретико-познавательная категория; метод научного познания, направленный на понимание внутреннего содержания интерпретируемого объекта через изучение его внешних проявлений. То есть, если сказать простыми словами — это истолкование с целью понимания смысла.

Исходя из этой точки зрения, можно привести такой пример: формы информационного жанра, например, заметка, репортаж, отчёт или интервью, вещают туркменское и мировое общество о проведении в столице Туркменистана V Азиатских игр в закрытых помещениях и по боевым искусствам (2017 г.), сообщают расписание игр, сколько стран участвуют и результаты соревнования, предлагают вниманию читателей-зрителей мнение разных специалистов по этому направлению. А статья, обзор и обозрение дают глубокий анализ тому, насколько влияет данное проведенное спортивное мероприятие на дальнейшее укрепление авторитета нашего Независимого и постоянно Нейтрального государства на мировой арене и благополучному внедрению спор-



тивной дипломатии в нашем регионе и во всём мире.

Журналист А. Коротченкова считает, что: «В статье обобщают и анализируют факты от общего к частному» По мнению автора, здесь рассматриваются глобальные вопросы вплоть до научных обоснований и выводов. А корреспонденции, как комментирует автор, наоборот — явления рассматриваются от частного к общему.

А. Коротченкова, в том числе и другие некоторые авторы считают, что этот жанр отличается обилием примеров, конкретностью темы, адресом и оперативностью.

Чтобы конкретизировать вышеуказанные характеристики аналитического жанра, проведем короткий анализ по его формам.

В работе под названием «Основы аналитической журналистики», печатанной в сайте e-Publish, отмечается, что традиционно жанры делятся на информационные, аналитические и художественно-публицистические. А в качестве основных форм аналитического жанра приводится такие формы, как: письмо, корреспонденция, статья, обзор и обозрение.

Для примера можем взять спортивные, а конкретно футбольные обозрения, которые показывают по отечественным и российским телеканалам. В этих передачах ведущие и выступающие специалисты, то есть респонденты, на основании двух или трех футбольных игр дают анализ на современное развитие отечественного футбола, а точнее мирового футбола целиком. Для утверждения своих взглядов и мировоззрения, они завлекают внимание зрителей к разным интересным моментам той или иной игры. Таким образом они распространяются в печатных изданиях с помощью фотоматериалов, которые были сняты во время игр.

Этот фактор доказывает правильность вышеуказанного определения, что «этот жанр отличается обилием примеров, конкретностью темы, адресом и оперативностью». То есть, как и в других двух жанрах, данные и факты тут тоже являются первой необходимостью, но не для того, чтобы информировать читателей, а для того, чтобы дать обобщающий материал о происходящем.

Несмотря на то, что популярные виды журналистики как репортаж, интервью, очерк, зарисовка и так далее, не являются формами аналитического жанра, в материалах, написанных современными журналистами, часто наблюдаются некоторые элементы аналитики.

Например, в ходе интервью, или написания очерков журналисты, их собеседники (респонденты) или герои, о ком пишутся публицистические произведения, часто обращаются к элементам анализа, или разбора материала. Это и помогает для того, чтобы приготовленное аудио, видео или текстовой материал, который предлагается вниманию зрителям, слушателей или читателей, был более содержательным, и не оставил у них вопросов.

Надо отметить, что по этому поводу существуют и другие мнения, в которых утверждаются, что эти элементы аналитики появляются в других жанрах и формах из за того, что журналисты-практики мало интересуются теорией, и именно поэтому у них в произведениях элементы информации, аналитики и художественно-публицистического жанра появляются не сознательно, а всё в разбор.

Но такой взгляд был бы односторонним. Мы считаем, что элементы аналитики в других жан-



рах и формах появляются в связи с тем, что мир, общество и общественное самосознание человечества быстрым темпом растёт, всесторонне развивается современная наука и техника, и таким образом человечество не сможет обходиться без анализа всего происходящего.

***Сельби БЯШИМОВА,***
***студентка Туркменского государственного института физкультуры и спорта по специальности спортивной журналистики.***

# BEDEWLERE BELENT SARPA




Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň «Ahalteke bedewi — biziň buýsanjymyz we şöhratymyz» atly kitaby bedewleriň halkymyzyň durmuşynda eýeleýän ornuna düşünmäge mümkinçilik berýär. Bu ajaýyp eseriň dünýäniň köp dillerine terjime edilmegi netijesinde dürli ýurtlaryň okyjylary bu bahasyna ýetip bolmajak miras bilen ýakyndan tanyşmaga mümkinçilik aldylar.

Bu ajaýyp eserde halkymyzyň ençeme müňýyllyk taryhynyň ýyndam ahalteke bedewleri bilen üznüksiz baglydygy barada pikirler rowaýatlaryň, şol döwrüň şaýatlarynyň ýatlamalarynyň, resminamalaryň üsti bilen beýan edilýär.

Kitapda Türkmenistanyň çäklerinde bedewleriň bäş müň ýyl mundan ozal eldekleşdirilendigi barada gymmatly maglumatlar mysal getirilýär. Änewde, Marguşda, Altyndepede, Ulugdepede, Garadepede, Namazgadepede, Pessejikdepede, gadymy Uzboýda, Gazawuldepede we Içýanlydepede geçirlen gazuwagtaryş işleriniň netijesinde tapylan tapyndylaryň, şeýle hem ýazuw çeşmeleriň esasynda şu günki gün Türkmenistan dünýäde ilkinji atlaryň eldekileşdirilen ýeridir hem-de iň gadymy at tohumynyň ösdürilip ýetişdirilýän mesgenidir diýip aýtmaga mümkinçilik berýär.

Gadymy grek taryhçysy Geradot: «Şu zamanada mälim bolan bedewleriň ählisinden adaty bolmadyk tohumynyň artykmaçlygy bilen tapawutlanýan atlar Nusaý atlarydyr» diýip belläpdir. «Nusaý atlary öz gözelligi bilen tapawutlanýarlar. Bu bedewler kuwwatly şalara mynasyp. Olar tüňňiburun buýsançly başlaryny belent tutýarlar we ýallary howada owsun atýar». Bu setirler biziň eýýamymyzdan ozalky II asyrda ýaşan gadymy rim taryhçysy Appiana degişlidir. Gadymy grek geografy we taryhçysy Strabon: «Nusaý bedewleri iň iri we owadan atlardyr, olary pars şalary münýärler» diýip belläpdir.

Kitabyň «Atçylyk sportuny söýüjä gollanma» diýen bölüminde atyň esasy hereketleri barada, at esbaplary barada, sport atlaryna ideg etmek barada ata erk etmek barada, atlary sport ýaryşlaryna taýýarlamak barada, at münmegiň mekdebi barada, böküşleriň tehnikasy barada, üç görnüşli ýaryş barada, türkmenleriň at üstündäki milli oýunlary barada, türkmen at çapyşyklary barada, marafon at çapyşyklary we atçylyk syýahatçylygy bilen baglanyşykly atçylyk sportunyň dürli görnüşlerini ösdürmek we ýaş hünärmenleri taýýarlamak boýunça usuly maslahatlar beýan edilipdir.

Gahryman Arkadagymyz: «Ahalteke bedewi sirkiň arenasynda hem ajaýypdyr! Ol sirk tilsimlerini ussatlyk bilen ýerine ýetirýär. Bedewiň manežde milli oýunlary — passażlary, tans hereketlerini ýerine ýetirişine haýran galýarsyň» diýip belleýär.

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy boýunça 2007-nji ýylda döredilen «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar topary halkymyzyň baý medeniýetini wagyz etmek babatda öz öňünde goýlan wezipäni abraý bilen ýerine ýetirýär. Dürli ýurtlarda ýerine ýetiren ajaýyp çykyşlary bilen bu topar halkymyzyň hem-de dünýä tomaşaçylarynyň çuňňur söýgüsine mynasyp boldy. Gahryman Arkadagymyzyň Monako knýazlygyna guran iki günlük sapary wagtynda bu topar Monte-Karlo halkara sirk sungaty festiwalynda tomaşaçylarda unudylmajak täsirleri galdyran çykyşlary bilen Baş baýraga hem-de beýleki ýörite baýraklara mynasyp boldy. Bu waka Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň şanly wakalarynyň başyny başlan beýik pursatlar bolup, halkymyzyň ahalteke bedewlerimize bolan buýsanjyny täze belentliklere göterdi.





***Ogulbeg ÖWEZOWA,***
***Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň müdiri, uly mugallymy.***

# HOKKEÝ BOÝUNÇA ÝAŞLAR DÜNÝÄ ÇEMPIONATY




Türkmenistanyň hokkeý ýygyndysy «B» topardaky üçünji diwizionynda 2025-nji ýylyň ýaşlar dünýä çempionatynyň ilkinji oýnunda Lýuksemburgyň toparyny uly hasap bilen ýeňdi. Bangkokda geçirilen duşuşyk 8:2 (1:0, 3:2, 4:0) hasaby bilen tamamlandy.

Türkmenistanyň ýygyndysynyň hatarynda geksa-trik (alty) şaýbany Soltanhamid Wahitow geçirdi, şeýle-de Şöhrat Begliýewiň we Iskenderhan Durdyýewiň hersi bir şaýba geçirdi.

Hokkeý boýunça ýaşlar dünýä çempionaty 28-nji fewraldan — 6-njy marta çenli Taýlandda geçirilýär. «A» toparyň üçünji diwizionyna geçmek üçin Bosniýanyň, Özbegistanyň, Taýlandyň, Günorta Afrikanyň we Lýuksemburgyň toparlary göreşýär.

1-nji martda Meýlis Kulyýewiň tälim berýän hokkeýçileri Taýlandyň ýygyndysy bilen oýnady.

Türkmenistanyň ýygyndy topary oýunlarynyň tertibi (Aşgabat wagty bilen):

- 1-nji martda 18:00 Türkmenistan — Taýland
- 3-nji martda 14:30 Türkmenistan — Özbegistan
- 4-nji martda 14:30 Günorta Afrika — Türkmenistan
- 6-njy martda 14:30 Bosniýa —Türkmenistan

TALYP SPORTY

Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň elektron görnüşde, aýda 1 gezek neşir edilýän gazeti

Möçberi: 0,5 çap list. Sahypa sany: 8

**REDAKSIÝANYŇ GEŇEŞI:**

M. Joraýewa, A. Mämmedowa,
A. Şaýymowa, T. Azizowa,
M. Durdyýewa, A. Amanowa,
G. Soltowow, S. Babanazarowa,
L. Kürenowa, H. Muhyýewa,
S. Bäşimowa, Ş. Aşyrowa,
J. Baltabaýew, O. Eýeberenowa.

Salgysy: 744013. Aşgabat şäheri, Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 40-njy jaý.

Gazetiň asyl nusgasy Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda taýýarlanyldy.

e-mail: tdbsi@sanly.tm

**Redaktor Agabaý Akmyradow**